***21-nji awgustda Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynda "Kids EXPO: ähli zat çagalar üçin" atly halkara sergi-ýarmarka öz işine başlady. Ýurdumyzda täze okuw ýylynyň öňüsyrasynda ýöriteleşdirilen sergi-ýarmarkanyň guralmagy asylly däbe öwrüldi. Üç günläp dowam edýän sergi-ýarmarka döwlet we hususy kärhanalar, halkara guramalaryň ýurdumyzdaky wekilhanalary, milli sport federasiýalary, söwda merkezleri we beýlekiler gatnaşýar.***

Bu ýerde ýurdumyzyň we daşary döwletleriň öňdebaryjy bilim merkezleriniň, çagalar üçin mebelleri, oýnawaçlary, serişdeleri, okuw esbaplaryny we öwrediji gollanmalary öndürýän, şeýle-de iýmit kärhanalarynyň 80-den gowragynyň diwarlyklary gurnaldy. Sergä gatnaşyjylaryň hatarynda Birleşen Arap Emirlikleriniň, Fransiýanyň, Hytaýyň, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň, Russiýanyň, Türkiýäniň, Özbegistanyň wekilleri bar.

"Kids EXPO: ähli zat çagalar üçin" atly halkara sergi-ýarmarkanyň çäklerinde ýurdumyzyň meşhur moda öýleriniň we dizaýnerleriniň çagalar üçin taýýarlan täze lybaslar toplumynyň görkezilişi hem geçirildi. Serginiň çäklerinde çagalar üçin tikin tikmek, lybaslary bezemek, özbaşdak sungat eserlerini döretmek boýunça ýörite tälim beriji sapaklar hem geçilýär.

Ýöriteleşdirilen sergi-ýarmarkanyň çäklerinde ata-eneler çaga terbiýesi we kitap okamagyň peýdasy barada ussat mugallymlardan maslahatlary alyp bilýärler. Sergi 23-nji awgusta çenli öz işini dowam eder. Onuň ahyrynda gatnaşyjylara diplomlar gowşurylar.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026